# Gözelim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gözelim

GÖZELIM

Ýene däli-porhan bolýar bulaklar,
Ýene-de ak güle çümýär bu baglar.
Men gitsemem näzik köňlüň unutmaz,
Bossanynda alma-naryn üzenim,
Gözelim, gözelim, janym, gözelim.

Al ýaňakda halyň güllän pursady,
Didelerim gara gözüň emende.
Yşkyň otly demi ýardy gursagy,
Başym berdim zülpleriňde kemende.
Bir ömürde ýazylmajak gazalym,
Gözelim, gözelim, janym, gözelim.

Ikimiziňkidir bu Ýer, bu asman,
Aýly agşamlaryň mylaýym demi.
Çogly Gündogarda eý, ýalňyz nusgam,
Maňa rehnet nury Kadyr-Ezeliň,
Gözelim, gözelim, janym gözelim.

Seni bagra basyp, lebiňden sorsam,
Maňa ölüm ýokdur, ömürlik juwan.
Didäme ýalyn sen, kalbymda gor sen,
Mydam eziz didaryňa howlugýan,
Bu dünýede zaryn çekip gezenim,
Gözelim, gözelim, janym, gözelim.

Sen meni bagyşla, göwnüňe degsem,
Hem-de juda gowşak şygyrlam meniň.
Gujagyňda eräp, didäňde sönsem,
Älemim, umydym, janym, jigerim,

Iň soňky baharym, soňky hazanym,
Gözelim, gözelim, janym, gözelim.

Öwezdurdy NEPESOW.

Goşgular